# «Söýgi oýunlaryny oýnaýan aldawçylary» anyklamagyñ ýollary

Category: Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Söýgi oýunlaryny oýnaýan aldawçylary" anyklamagyñ ýollary
BARLAGÇYLAR INTERNETDE «SÖÝGI OÝUNLARYNY OÝNAÝAN ALDAWÇYLARY» ANYKLAMAGYÑ ÝOLLARYNY SALGY BERÝÄR




*«Harby temanyñ» aýratynam söýgi oýunlaryny oýnamakda ýygjam gaýtalanýandygy görüldi.*
*Aldawçylaryñ esasanam 35-54 ýaş aralygyndaky aýallary nyşana alan erkeklerdigine ynanylýar. (Pixabay)*
Alymlar kiber jenaýarlara garşy taýýarlykly bolmak üçin flirt ulgamlarynda we internetdäki «söýgi oýunlaryny oýnaýan aldawçylaryñ» sereşleýän düýpli şahsy aýratynlyklaryna ünsi çekdi.
Şotlandiýanyñ Albertaý uniwersitetinde geçirilen barlagda şu ulgamlary ulanyp, özgeleri aldamaga synanyşýan adamlaryñ aldanýanlar bilen üç tapgyrda aragatnaşyk saklaýandygy anyklandy.
Heniz suduñ oñlamagyndan geçmedik we «ArXiv» internet saýtynda çap edilen maglumatlara görä aldawçylar ilkinji nobatda ulanyjylar bilen gep-söz alyşýar, yzyndan olar bilen wirtual set gatnaşygyny güýçlendirmäge çalyşýar. Soñra olaryñ şeýle wirtual gatnaşyga ruhy taýdan örklenmegini gazanmaga

synanyşýar.

Aldawçylaryň köpüsi pul ýa-da gizlin maglumat soramaga diňe kezzaplyklarynyň soňky tapgyrynda aldanýanlar özlerine ruhy taýdan doly örklenenden soň başlaýar.
Aldaw toruna düşenleri soraýan zatlaryny tapyp bermäge yrza etmek üçinem köplenç garawsyzlyklaryny ýa-da maddy kömege duýýan gyssagly mätäçligini nygtaýan ynandyryjy dil ulanýar.

- **Birnäçesi özüniň harby gullukçydygyny aýdýar**

Barlagyň dowamynda köp sanly aldawçynyň harby gullukda jogapkärli wezipelerde ýa-da howply tabşyryklarda işleýän ýaly görkezýändigi anyklandy. Şeýle «harby temanyň» aýratynam söýgi oýunlaryny oýnamakda ýygjam gaýtalanýandygy görüldi.
Şeýle ýagdaýlarda aldawçylaryň galp medisina ýa-da derňew situasiýalaryny öňe sürüp, gezelenç etmeklerine we aldaw toruna düşürenleri bilen tanyşmaklaryna mümkinçilik döretjegini aýdýan nyrhlary üçin pul soraýandyklary belli boldy.
Şol sanda aldanýanlary manipulirlemek we wirtual set gatnaşyklarynyň hakykydygyna bolan ynamlaryny güýçlendirmek üçin tilsimler-de anyklandy.



Bularyň arasynda gönümel ýa-da şahsy soraglary bermek, aldanýanlara kompliment bildirmek, gulaga ýakymly atlary dakmak ýa-da söýýändigini şahyrana dil bilen beýan etmek ýaly ýollar bar.
Aldawçylaryň aldaw toruna düşürenleriniň garşysyna nähili keşpde we profilde çykýandygy bolsa ýurduna görä üýtgeýär.
Barlagçylar birnäçe italýan profiliniň emläkçi obrazyna girýändigini, Filippinlerde bllsa esasan satyjy tüýsüne girýändigini anykladylar.

- **Durmuşyňyzy püçege çykaryp bilerler**

Flirt ulgamlarynda ýa-da sosial mediýada ulanyjylar bilen ruhy ýakynlyk saklaýan aldawçylar nyşana alan adamlarynyň durmuşyny çepbesine çöwrüp taşlajak derejede öte geçip bilýärler.
Käbir aldanýanlar aňyrsyna atan ähli pul-pejini giderýär ýa-da bergä batýar, käbirleri-de şantaža ýa-da identifikasion ogurlyga duçar bolýar.
Aldawçylar köplenç aldanýanlardan pul ýa-da şahsy maglumatlar ýaly aýratyn maglumatlary soraýar.
Täze geçirilen barlagda doktor Lindseý Şeperd we onuň topary flirt aldawçylygynyň üstünde durup geçýän 200-den gowrak makalany gözden geçirdi. Bularyň arasyndan saýlanyp alnan 44 sany ylmy makalanyň gelen netijelerini öwrenýän topar aldawçylaryň umumy aýratynlyklaryny we ulanýan tilsimlerini kesgitlemäge synanyşdy.



*Lindseý Şeperd*
«Söýgi oýunlaryny oýnaýan aldawçylar soňky on ýylda barha köpeldi» diýen Şeperd: «Kowid-19 pandemiýasy-da kiber jenaýatlaryň we hüjümleriň köpelmegine sebäp boldy we hasam ýaramazlaşdyrdy» diýip, sözüniň üstüne şuny goşýar: «Makalamyz

şu boýunça geçiriljek başga barlaglar üçinem badalga bolup hyzmat edip, giñ gerimli nukdaýnazar hödürleýär».

# The Independent, TechXplore, Daily Mail.

Taýýarlan: Çagla ÜREN.

Sişenbe, 18.04.2023 ý. Publisistika